# Täsirli okuwlar

**2016-njy ýyldan bäri Ýewropa Bileleşiginiň hereket edýän ERASMIS+ maksatnamasynyň «Administratiw ösüşiň sebitleýin maksatlary» atly taslamasyna dünýä döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdepleri bilen bilelikde, biziň institutymyz hem gatnaşýar. Bu döwrebap taslamadaky ýerine ýetirilmeli işler 2019-njy ýylyň 15-nji oktýabryna çenli dowam edip, onuň maksady bilim kämilligini artdyrmak hem-de dünýä talaplaryna laýyk gelýän şertlerde hünärmenleri taýýarlamak bolup durýar.**

Ýakynda taslamanyň meýilnamasyna laýyklykda, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinden taslama gatnaşyjy mugallymlar üçin Şwesiýa Patyşalygynyň Stokgolm şäherinde ýerleşýän Patyşalyk tehnologiýa uniwersitetinde ulagyň ykdysadyýeti ugry boýunça okuwlar guraldy. Geçirilen okuwlara Diýarymyzyň ýokary okuw mekdeplerinden, institutymyzdan hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinden mugallymlar gatnaşdylar.

Bu ýokary okuw mekdebinde guralan okuwlarda mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, okuw işlerini alyp barmakda dünýä tejribesini öwretmek arkaly ösüp gelýän ýaş nesliň bilim derejesini halkara ülňülerine ýetirmegiň usullary barada giňişleýin pikir alşyldy, tejribe-synag hem-de amaly işler guraldy. Okuwlarda öňde goýlan maksatlary we ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasyny seljermek üçin mugallymlar öz anyk pikirlerini beýan etdiler. Deslapky geçiriljek duşuşyklaryň hem-de okuwlaryň seneleri taslama gatnaşyjylara habar berildi. Taslamanyň çäklerinde öňde goýulýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek baradaky düşünişmeler okuwlaryň mazmunyny çuňlaşdyrdy. Okuwlaryň nobatdaky tapgyry 2018-nji ýylyň maý aýynda gözel paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýän Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde dowam etdiriler. Bu bolsa gerimi barha giňeýän ulag ulgamynyň hünärmenleriniň toplan tejribesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Watanymyzyň ähli ulgamlarynda halkara bilim hyzmatdaşlygyny ýokary derejede amala aşyrmaga mümkinçilikleri döredýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Şöhrat BÄŞIMOW,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.**

